# Şygryýet melekleri / makalajyklar toplumy – Akjemal Omarowa

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Şygryýet melekleri
написано kitapcy | 24 января, 2025
Şygryýet melekleri / makalajyklar toplumy – Akjemal Omarowa
AKJEMAL OMAROWA




*Akjemal Omarowa 1928-nji ýylda Mary etrabynyň I Goňur obasynda dogulýar. Mary şäherindäki iki ýyllyk mugallymçylyk kursunda okaýar. Soň mekdep mugallymy bolup işleýär. Moskwanyň A.M.Gorkiý adyndaky edebiýat institutyna okuwa girýänçä, syýasy-jemgyýetçilik guramalarynda işleýär. Metbugatda,*

*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda işleýän döwürlerinde çeper döredijilige içgin girişýär. Onuň goşgularynyň iň nepisleri saýlanylyp Fransiýada, Hytaýda, Hindistanda, Rumyniýada, Mongoliýada, Angliýada çap edildi. Onuň «Goşgular» (1956), «Murgap çemeni» (1959), «Läle gelin» (1962), «Gün bilen gürrüň» (1970) ýaly ençeme kitaplardaky şygyrlary XX asyr türkmen şygryýetiniň dürdänesi bolup lowurdaýar. Şahyryň rus dilindäki goşgular ýygyndysy «Радуга в доме» diýen at bilen 1979-njy ýylda çap edildi. «Şygryýetiň mahabat kitaphanasy» («Рекламная библиотека поэзии») goýberilişinde Moskwanyň «Голос» neşirýaty tarapyndan 1992-nji ýylda onuň goşgularynyň rusca terjime edilip, ýigrimiden-de gowragy köpçülige ýetirildi.*
*Akjemal Omarowa 2011-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda aradan çykdy.*

- **A.Omarowanyň goşgularyndan**:

Begenjimden ýaşlar doldy gözüme,
Gursagymdan çykyp barýar ýüregim.
Öz ilime gaýdyp geldim, mähriban,
Nirede bolsamam sensiň geregim.

Şybyrdap guýulýan çabgalar ýaly,
Pikirler beýnimde duran bir mukam.
Seň gülşen kalbyňy sözlerim bilen,
Bezesem, gül bolsam, eý, gözel mekan.

Seň mähriňden dolup duran gözlerim
Oýnaklap gülýändir, çuňňur syn etseň.
Gör, niçik ajaýyp dünýäň eşreti,
Şat kalbymda baky şatlyk döretseň.

Güýçli eken arzuwlarmyň ganaty,
Ak maýanyň ak ýolundan hol barýar.
Müň dürli baglara basyrlan baglar,
«Öňe gitjek» diýsem, maňa ýol berýär.

Gözelligiň mydam boldum ýesiri,
Adamlara kalbym eder aşnalyk.
Bir akja kepderä meňzeýän ýürek,

Mümkin, uçar gider akja guş bolup.

- **HALYÇY**

Gamyş ýaly barmaklar,
Sülük ýaly barmaklar
Oýnadyp synny, keser,
Döredýär ajap eser.
Şat edip ýakyn-ýadyn,
Ussat Ogulnabadyñ
Mañlaýdan dökýän deri
Döredýär şol eseri.
Barha artyp hormaty,
Oñ ajaýyp sungaty
Göreni haýran edýär,
Dünýäni seýran edýär.
Günüñ altyn şöhlesin,
Saýrak guşlaryñ sesin,
Öwüşginni çölleriñ,
Tolkunlaryn kölleriñ…
Öwrenip ýekän-ýekän,
Hala siñdiren eken.
Azat, açyk ykbally,
Gözel arzuw-hyýally,
Bagtly türkmen zenany,
Täsin sungatyñ bilen
Wasp et ajap zamany!
Gamyş ýaly barmaklar,
Sülük ýaly barmaklar
Dokasyn ajap haly,
Göllerinde görünsin
Dünýämiziñ jemaly.

- **AKJEMAL**

Dünýä inenimde topragyñ ýüzün,
Ak gar ýapyp ýatan eken mazaly.
Garyñ ýaganyna ala gargalar,

Hamana, gar olañ höregi ýaly,
Begenip, asmanda ganat kakypdyr,
Gün hem öz nuruny döküp bakypdyr.

Öýümizde bolsa ot ýakypdyrlar,
Tüýnükden burugsap çykypdyr tüsse.
Ejem: «Oglum bolsun» diýen ekeni,
Gyzlar enä perzent dälmidir eýse?
Ýöne welin maña guwanyp olar,
Diýipdirler: «Indi oglumyz bolar».

Maña dakypdyrlar «Akjemal» ady,
«Jemaly hemişe ak bolsun» diýip.

«Ak bolsun bagty-da, aý günleri-de!»
Diýip dileg edip gujaklap-söýüp.
Maña-da guwanyp atam hem enem,
Şeýdip, bolupdyryn ulugyz menem.

Oglanyñ ýerini tutdum durmuşda,
Bitirdim olaryñ bitiren işin.
Ýer sürdüm, ot ordum hem goýun bakdym,
Şeýdip, köpeldi meñ ejizje güýjüm.
Pikir hem ýüwürtdim oglanlar kimin,
Gyz bolsañ-da ýigit bolmaklyk mümkin.

Oglanlaryñ gerek bolşy ýaly,
Durmuşda gyzlar hem derwaýys gerek.
«Gyzlar bar, dünýäde gözellik hem bar!»
Başgaça oýlanmak adama telek,
Başdan şuny çarwa gelni duýupdyr,
«Akjemalym» diýip, meni söýüpdir. Şygryýet melekleri